# Çalyşman

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Çalyşman

ÇALYŞMAN

Muhabbet bagynda bir gül açyldy,
Bir derdim bar, müñ dermana çalyşman.
Ýüküm lagly merjen, dürler seçerin
Bir derdim bar, müñ dermana çalyşman.

Ähli guşlar dile geler ýaz diýr,
Gözel durnam Şamdan geler güýzim diýr,
Meniñ ýaralarym hatar-hatar diýr,
Bir derdim bar, müñ dermana çalyşman.

Garyp bilbil köñlüm eglär ses bile,
Niçeleriñ ömri geçdi ýas bile,
Yzlaýyp tapanym kämil pir bile,
Bir derdim bar, müñ dermana çalyşman.

Bende aýdar niýazym bar özine,
Kämil pir aýybym, urma ýüzüme.
Ýaralarym hoş göriner gözime,
Bir derdim bar, müñ dermana çalyşman.

Şa Hataýy muhabbete bakaryn,
Doly menem, dolulara akaryn,
Kämil pirim  bir dert berdi çekerin,
Bir derdim bar, müñ dermana çalyşman.

◆ ◆ ◆

Ýemen illerinden bäri gelerkäñ,
Durnalar, Alyny görmediñizmi?!
Ýer-gök iñläp-iñläp zar kylýarka
Durnalar, Alyny görmediñizmi?!

Şahym Haýbar galasyny ýykanda,
Niçe Ýezit heläk bolup bakanda,
Muhammet magraja ol dem çykanda,
Durnalar, Alyny görmediñizmi?!

Kim gördi derýada balyk yzyny,
Egildi ol, öpdi gabryñ tozyny,
Eşidiñ Alynyñ hup owazyny,
Durnalar, Alyny görmediñizmi?!

Howadan sema sary uçýarkañ,
Köwser şerbedinden içip-ganýarkañ.
Muhammediñ gül-reýhanyn saçýarkañ,
Durnalar, Alyny görmediñizmi?!

Şa Hataýy edermiş bir gedaýy,
Dilim zikr eder Kadyr Möwlany,
On iki ymamyñ nesli Abaýy
Durnalar, Alyny görmediñizmi?!

Şa Ysmaýyl HATAÝY.

Goşgular